# Toý / ýumoreska

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Toý / ýumoreska TOÝ




– Başlyk, bir toýjagaz edäýjek bolýas-da, şoňa…
– Gaty gowy, oň bolsun!
– 3-4 müň manatjyk puljagaz gerekdi.
– Bir müňdür, müň ýarymdyr, kömek etsek edäýerisem.
– Gelin edinmegem kynlaşdy-haw, 2-3 sany ýüň seçeklem-ä tapyp beräýseň diýjek bolýan.
– Ýekejesinden artyk bizde mümkinçilik ýok, ýaşuly.
– Söwüşlik arzan baha işşek goýundan 7-8 sanysyna hat berýämiň ýa ferma müdürine aýdýamyň…
– Ýaşuly, iki sany semiz goýun bereýin.
– Odunam-a gerek boljak öýdýän.
– Taparys. Täze karta açdyk. Goparan agaçlarymyz bar.
– Getirer ýaly maşyn bormy, teležka bormy, bir zatjagaz berersiň-dä.
– Hökman.
– Skladda çadyr bar diýip eşitdim. Toýa gelenlere kölegelik bir zat gurmaly boljak.
– He, öz-ä bolmaly.
– Güpem-ä gerek, çaý gaýnadar ýaly.
– Meýdan düşelgelerinden ýygnaýmaly bolar-da.
– Brigadirimize diýäýseň, otag otaýan gelin-gyzlardan 10-12 sanysyna rugsat beräýse, çörek bişirmeli boljak.
– Göreris, ýaşuly. Bir alajy bor.
– Gap-gaçdyr çäýnek-käse-de beräýseňiz gowy boljak.
– Medeniýet baradaky orunbasara aýdaýyn. Çagalar bagyndan alyp berer.
– Garrylyk gursun, huşuňy alar ekeni. Häzir-ä ýadyma düşýän

zatlar şular. Soňam ýetmez zadymyz bolsa gerin duraryn-da, başlyk. Men indi şu ýerden ilen-çalanlaryň üstüne gitmeli. Dilemeli zatlarym kän. Ýak, başlyk, esasy zady unudaýýpdyryn, raýpodan 10-15 halta un, 300-400 sany elýaglyk diläp ber…

— Bu zatlar-a düzederis welin, öýlenjek ýigit berin özüňizden düzeljekmi?! Satiriki hekaýalar